# Iň gerekli adam / hekaýa

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iň gerekli adam / hekaýa IŇ GEREKLI ADAM

Synpdaşymyz Çynaryň ejesi mekdepde işleýär. Özem mekdepde iň gerekli adam. Hawa, şondan wajyp adam ýok mekdepde. Şonuň üçin özüm-ä Çynary juda bagtly hasaplaýan. Synpdaşlarymam maňa goşulsa gerek.
Meňem ejem mekdepde işleýär. Ýöne başga mekdepde. Ikinjidenem, men birinji synpa baran ýylym ejem «üçleri» okadýardy. Ikinjä geçdimem welin, ejem «birleri» aldy. Garaz, ejemiň mekdepde işleýänliginden maňa peýda ýok. Şonuň üçin hem Çynara gözüm gidýär.
Çynar heniz biz oýanmankak ejesiniň mekdebe gelýändigini aýdýar. Hatda müdirdenem öň gelýärmiş. Iň gerekli adam şeýle-de etmeli-dä! Biziň süýji düýşleri terk edip, kynlyk bilen oýanýan, ýaltalyk bilen ertirlik edinýän uçurlarymyzda ol tutuş mekdebi biziň üçin taýýarlap goýýar. Men-ä şol jadylymyka diýýän. Ýogsam, üç-dört sany zenan bilen tutuş mekdebi okuwçylar gelýänçä, gül pürkülen ýaly edip goýmak mümkin däl-ä! Özümiz bilýäs-ä agşama çenli synplaryň, eýwanlaryň ne hala gelýändigini! Çaşyran, ýykan zatlarymyzy düzetmek üçin biziň synpymyzyň okuwçylaryna-ha bir aý wagt gerek bolardy. Çynaryň ejesi bolsa şunça işi birki sagatda edäýýär. Ol hökman jadyly bolmaly. Munuň başga düşündirişi ýok. Ýogsam, kim şunça işden soň hem çagalaryň her arakesmede goşun tutup hüjüm edýän ýerinde – suw içilýän ýerde ähli gaplary suwdan dolduryp goýjak (mekdebimiziň bir çetinde guýy bar. Çynaryň ejesi bizi şoňa asyl-asyl bolup durmakdan halas edýär. Aslynda, näme üçindir, bizi guýynyň ýanyna eltenoklaram. Bedresini Çynaryň ejesi bukup goýýar), özem bu suw tomusda sowujak, gyşda mylaýym. Ýogsam, kim gar ýagan günlerinde mekdebiň eýwanlaryna uzaýan ýollaryň garyny arassalap, ýüze çykyp biljek çaknyşyklaryň öňüni aljak?! Ýogsa, kim onda-munda entäp, sapaga gijä galan okuwçylary,

edil öz perzendi ýaly ezizläp, synpyna çenli eltip gaýtjak?! Çynaryň ejesi şularyň baryna ýetişýär.
Ejesiniň mekdepde işleýändigi üçin bagtlydygyny Çynar gizlejek hem bolanok. Ol heziller edinip, her arakesmede ejesiniň ýanyna gidýär. Synpymyzyň iň garagol oglanlaryna çenli Çynaryň saçyndan çekip ýa galamyny döwüp bilenok. Nädip etjek?! Onuň ejesi mekdepde işleýär ahyryn! Okuwçylar hakynda-ha gürrüňem ýok: ejesiniň mekdepde işleýändigi üçin Çynara mugallymlaram ýüz görýär. Biziň müň bir hupbat bilen alýan bäşliklerimiz Çynar üçin itiň oýunjagy. Şonuň üçin hem ol synpymyzyň iň bäşlikçisi. Hakyny iýmäýin, ejesini arka tutunyp gezenok, Çynaryň özem gowy okaýar.
Ine, bir gün Çynar mekdepde owasyny ýaşdan dolduryp otyr. Sebäbini dessine bildik, şol gün ejesi ýaraman, işden galypdyr. Çynaryň bu gynanjyna hemmämiz goşuldyk. Onuň ejesi bolmasa, biz mekdepde nädip günümizi göreris diýsene! Ony hasam synpymyzyň oglanlary gowy görýär. Heniz ikinji synpda okaýan hem bolsak, iň bäşlikçi gyzyň ejesine ýaranjaňlyk etmegiň iru-giç peýdasynyň degjekdigini bilýäris. Şonuň üçin irden barada-ha gürrüňem ýok, arakesmelerde-de Çynaryň ejesi bilen elleşip salamlaşmak, oňa jinnek ýalyjagam bolsa kömek etmek üçin nobata durýarys. Oglanlar-da, käte suw daşamagyň, zibil döküp gelmegiň üstünde ýaka tutuşýan gezeklerimizem bolýar. Ine, şonda bizi garpyşmakdan ýene Çynaryň ejesi halas edýär. Iň esasy ýerem säheriň süýji ukusyndan asgyn gelip ýa arakesmelerde oýna güýmenip, sapaga gijä galsagam, ol bizi synpa çenli eltip gadýar. Gijä galsaňam, synpa Çynaryň ejesi bilen barsaň hezil, mugallym hiç zat diýenok.
Çynaryň ejesi synpdaş gyzlarymyzyňam göreldesi. Olaryň käbiri-hä, ulalanda hut Çynaryň ejesi bolup işlejekmiş. Dogry-da, kimiň mekdepde iň gerekli adam bolasy gelenok. Arman, zenanlaryň işi, ýogsam, menem ulalamda bir sekundam pikirlenmän Çynaryň ejesi bolardym.
Ýogsa-da, biz onuň adynam bilemzok. Ýöne «Çynaryň ejesi» diýäýýäs. Özüne ýüzlenenimizde bolsa oň ady Daýza. Çynaram ejesiniň adyny aýtjkak bolup duranok. Ýöne haýran galaýmaly, ol welin ählimiziň adymyzy ýekän-ýekän ýatdan bilýär. Çynaryň

ejesi muny nädip başarýar diýsene! Belki mekdebiň iň gerekli adamsy hut şeýle-de bolmalydyr.
Indi düşündiňizmi Çynaryň ejesiniň näme üçin mekdepde iň gerekli adamdygyna? Belki, sizem meniň bilen pikirdeşsiňiz. Ýöne pikirdeş bolmanam bilersiňiz, men welin hemişelik öz pikirimde galjak: Çynaryň ejesi mekdepde iň gerekli adam!
Çagalar edebiýaty